***Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde 4-nji dekabrda geçirilen «Sanly giňişlik: emeli aň we maglumat manipulýasiýasy döwründe onlaýn gatnaşyk» atly III halkara mediaforumyň çäklerinde türkmen wekiliýeti sanly hüjümler, kiberhowpsuzlyk boýunça okuw sapagyna gatnaşdylar. Wekiliýetiň düzüminde türkmen habar beriş serişdeleri bilen birlikde, «The Ashgabat times» internet platformasynyň hem hünärmeni gatnaşdy.***




«Sanly hüjümleri nädip seljermeli?» atly temada geçirilen okuw sapagyny bu ugurda halkara hünärmen Artýom Tarasow alyp bardy. Okuw saagynda sanly tehnologiýalardan peýdalanylanda ygtybarly açar sözleri ulanmak, internet arkaly töleg amallaryny ýerine ýetirmegiň düzgünlerini berjaý etmek, wiruslara garşy programmalardan peýdalanmak, maglumatlaryň ätiýaçlyk nusgasyny saklamak, näbelli gelip çykyşly maglumat göterijilerden gaça durmak we beýlekiler barada giňişleýin maglumat berildi.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026



Maksut Narikbaýew uniwersitetinde geçirilen okuw sapagy maglumat goraglylygyny üpjün etmegi kämilleşdirmekde netijeli boldy.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены